# Singapur nakyllary

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Singapur nakyllary SINGAPUR NAKYLLARY

- Akyllam, akmagam ukusyz ýaşap bilmez.
- Ala sygryňam süýdi ak.
- Almaz almaz bilen kesiler.
- Altyny peçe atsaňam, reňkini üýtgetmez.
- Aýal – öýüň iň gowy bezegi.
- Çeni bilen iýseň, dok bolarsyň.
- Derýany ýüzüp geçene howdanyň howpy ýok.
- Dokmaçy nähili bolsa, matasy hem şonuň ýalydyr.
- Ähli görünýän zatlar hemişelik däldir.
- Gahrymany ýeňiş döredýär.
- Garga üçin çagasy tylladan ýasalan ýalydyr.
- Hakykatyň güýçsüz ýerinde ýalan söz kömek etmez.
- Haşal otuňam peýdasy bardyr.
- Her bir ýylpyldaýan zat tylla däldir.
- Her kimem bir gezek ýalan sözländir.
- Köp aglaýan çaga köp süýt emer.
- Lukman özüni bejermez.
- Oduň haýsy tarapyndan barsaňam, ahyry ýakar.
- Oglam enesine görä bolar.
- Öýlenmekçi bolsaň, gelinligiň ejesini tana.
- Pamyk ot bilen oňuşmaz.
- Pişige – oýun, syçana – jebir.
- Sebäpsiz gamgynlyk bolmaz.
- Suw aşak akar.
- Sygyr satyn aljak bolsaň, onuň süýdüni dadyp gör.
- Tüsse bar ýerinde ot bardyr.
- Un tapylsa, gyzzyrma bolar.

Rusçadan terjime eden Hojaberdi HOJADOW. Sözler